**Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetiniň 2023-nji ýylyň 21-nji noýabryndaky №96-Ö buýrugy bilen tassyklanyldy**

**№1-hasaba alyş enjamlar "Ulgamlaýyn gazyň, suw geçirijilerindäki suwuň, elektrik energiýasynyň sarp edilişini hasaba alýan enjamlar bilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň abzallaşdyrylyşy barada hasabat" (ýyllyk) döwlet statistik hasabatlylygyň formasyny doldurmak boýunça**

## GOLLANMA

№1-hasaba alyş enjamlar statistik hasabatlylykformasy boýunçatabşyrýarlar:

1. Ýaşaýyş jaýlarynda ýaşaýan ilatyň ulgamlaýyn gazyň, suw geçirijilerindäki suwuň, elektrik energiýasynyň sarp edişini hasaba alnyşyny amala aşyrýan kärhanalar (guramalar) tarapyndan hasabat döwründen soň aýyň 5-ne çenli ýerleşýän ýerindäki statistika edarasyna we özünden ýokarda duran edarasyna;

2. "Türkmengaz" döwlet konserni, Türkmenistanyň Energetika ministrligi tarapyndan Türkmenistan boýunça, welaýatlar, Aşgabat ş. we Arkadag ş. boýunça jemleýji hasabaty hasabat döwründen soň aýyň 10-na çenli Türkmenistanyň Statistika baradaky döwlet komitetine tabşyrylýar.

№1-hasaba alyş enjamlar forma boýunça statistik hasabatlylyk her çärýekde artýan jemi bilen düzülýär. Maglumatlar kärhana boýunça tutuşlygyna hem-de etraplaryň we etrap hukukly şäherleriň bölünşiginde, şol sanda şäher ilatly ýerleri we oba ýerleri boýunça görkezilýär.

Her bir kärhana (gurama) önümiň görnüşine laýyklykda aşagyny çyzmaly, mysal üçin:

"ULGAMLAÝYN GAZYŇ SARP EDILIŞINI HASABA ALÝAN ENJAMLAR BILEN ABZALLAŞDYRYLAN ÖÝLERIŇ WE ÖZBAŞDAK ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYŇ SANY" ilatyň ulgamlaýyn gazy sarp edişiniň hasaba alnyşyny amala aşyrýan "Türkmengaz" döwlet konserniň balansynda duran kärhanalar (guramalar) tarapyndan çyzyp görkezmeli;

"SUW GEÇIRIJILERINDÄKI SUWUŇ SARP EDILIŞINI HASABA ALÝAN ENJAMLAR BILEN ABZALLAŞDYRYLAN ÖÝLERIŇ WE ÖZBAŞDAK ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYŇ SANY" häkimlikleriň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň balansynda duran ilata suw geçirijilerinden suwuň sarp edilşini hasaba alýan kärhanalar (guramalar) tarapyndan çyzyp görkezmeli;

"ELEKTRIK ENERGIÝASYNYŇ SARP EDILIŞINI HASABA ALÝAN ENJAMLAR BILEN ABZALLAŞDYRYLAN ÖÝLERIŇ WE ÖZBAŞDAK ÝAŞAÝYŞ JAÝLARYŇ SANY" ilatyň sarp edýän elektrik energiýasynyň hasaba alnyşyny amala aşyrýan Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň, şeýle hem beýleki ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň kärhanalary we guramalary tarapyndan çyzyp görkezmeli.

01-nji setir boýunça sarp edilişini hasaba alýan enjamlar bilen abzallaşdyrylan öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň sany, şol sanda: 02-nji setir boýunça – şäher ilatly ýerlerinde (şäherler we şäherçeler), 05-nji setir boýunça - oba ýerlerinde görkezilýär. 01-nji setiriň maglumatlary 02-nji we 05-nji setirleriň jemine deň bolmaly. Şeýle hem, 02-nji setiriň maglumatlary 03-nji we 04-nji setirleriň jemine deň bolmaly.

Şäher ýerlerinde hasaba alýan enjamlar abzallaşdyrylan ýaşaýyş jaýlaryň sanyndan köp öýli ýaşaýyş jaýlaryň we öýleriň sany 03-nji setirde görkezilýär, 04-nji setirde özbaşdak jaýlaryň sany görkezilýär.

Oba ýerlerinde ýerleşýän ýaşaýyş jaýlarynda hasaba alýan enjamlar bilen abzallaşdyrylan özbaşdak öýleriň sany 06-njy setirde görkezilýär.

1-nji sütünde hasaba alýan enjamlar bilen üpjün edilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň ýylyň başyna bar bolan sany görkezilýär. 1-nji sütüniň maglumatlary 4-nji sütünde “Hasabat ýylyň ahyryna bar bolany” geçen ýylky hasabatynyň maglumatlary bilen gabat gelmeli.

2-nji sütüniň hemme setirinde hasabat döwründe hasaba alýan enjam bilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň abzallaşdyrylyşy görkezilýär.

3-nji sütüniň hemme setirinde hasabat döwründe hasaba alýan enjam bilen öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň abzallaşdyrylyşynyň hasapdan aýyrylanlary görkezilýär. (ýaşaýyş jaýlaryň sökülip aýrylmagyny, dolandyryş çäkleriň üýtgemegini we ş.m.)

4-nji sütünde hemme setirinde hasabat döwründe hasaba alýan enjam bilen abzallaşdyrylan öýleriň we özbaşdak ýaşaýyş jaýlaryň bar bolan sanynyň hemmesi (31-nji dekabr ýagdaýyna) görkezilýär.

**Durmuş statistikasy müdirligi**